**Mary şäheriniň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem etrabyň (şäheriň) ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Mary şäheriniň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2024-nji ýylyň 1-nji awgustynda Marynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky medeniýet köşgünde sagat 10:00-dan 12:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy: Mary şäheriniň Mollanepes köçesiniň 51-nji jaýy.

**Habarlaşmak üçin:**

800522-6-36-98
800522-6-71-31